# فصلُ المقالِ فيى وجوُب اِتّباعِ

# السَّلفِ الْكرَام

# SELEFE EÝERMEGIŇ ZERURLYGY

**AWTOR:** *Ahmet ibn Muhammet ibn Sadyk Nejjar*
**TERJIMEÇI:** *Allanyň rahmetine mätäç bende*

## *Sözbaşy*

Hamd ýeke-täk Alla degişlidir. Biz Ondan bize kömek bermegini hem-de bizi bagyşlamagyny soraýarys. Nebislerimiziň şerinden, amallarymyzyň ýamanyndan Onuň penasyna ýüzlenýäris. Alla kimi dogry ýola salsa ony azaşdyrjak ýokdyr, kimi azaşdyrsa-da ony dogry ýola saljak ýokdyr. Ýeke-täk hem-de şärigi bolmadyk Alladan özge hiçbir taňrynyň ýokdygyna we Muhammediň hem Onuň bendesi we ilçisidigine şaýatlyk edýärin.

Şany belent Alla hezreti Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) dünýäden ötmegi bilen bize Yslam dinini kämil kyldy. Bu diniň kämilligi we tamamlanmagy bilen hem nygmatyny bize doly ýetirdi. Alla Öz Kitabyny we Pygamberiniň Sünnetini gorap saklamagy äht edişi ýaly, Kitap we Sünnetiň söz şekillerini we manylaryny hem aýap saklady. Allanyň dinini gerdenlerinde göterijiler, wahysyny[1] goraýjylar bolmalary üçin ýörite ärler döredip, olary bu ymmatyň iň päk ýüreklileri we çuňňur ylymlylary etmegi hem Allanyň (azze we jelle) Kuran we Sünneti gorap saklamagynyň bir görnüşi bolup durýar. Alla bütin ymmata ine şol ärleriň ýoluna eýermegi we yzlaryna düşmegi wajyp edip, olaryň ýolundan aýra düşüp, ugur-tärlerinden daşlaşmagy hem gadagan etdi.

Diňe iki mübärek wahýa (Kuran we sünnete) düşünmekde özara birleşilende, agzalalyklar gidip bir ýere jemlenşiler. Emma olara düşünip akyl ýetirmede agzalalyklar bolsa, onda herbir pyrka (topar) özleriniň Kuran we Sünnete düşünip akyl ýetirşini ýeke-täk dogry düşüniş hasap edip, garşydaşlaryny azaşan hem-de Kitap bilen Sünnetiň mazmunlaryny pozanlar diýip biler.

Şol sebäpden bu risalany (kitapçany) ýazmagyň zerurlygy aýdyň ýüze çykýar. Sebäbi sahabalar hem-de olara oňat eýeren selefiň düşünjesini almak, sözlerine tabyn bolmak gerekdir. Çünki olaryň düşünişi we akyl ýetirişi hak bolup herhili ýalňyşdan uzakdyr. Hut şu jähtden Alla olary Öz Kitabynda öwýär, olardan razydygyny habar berýär hem-de olara jennetiň bardygyny wada edýär.

Alladan şu işimi Özüniň belent şany üçin halys etmegini we musulmanlara peýdasyny ýetirmegini dileýärin. Şeýle hem Pygamberimiz Muhammede, maşgalasyna we onuň sahabalaryna Alla salawaty bolsun!

***Ahmet Muhammet Nejjar*** **4 zülkada, 1430 hijri ý.**

---
[1] Wahy – Alladan inýän perman, Kuran we Sünnet.

## SELEF SÖZÜNIŇ MANYSY

**1) Selef sözüniň sözlük manysy:**

«Selef - سلف» sözi: *ýaş hem-de mertebe taýdan öňe geçenler* diýmegi aňladýar. **S** (س), **L** (ل) we **f** (ف) harplary söz köki bolup, *öňe geçen*, *ozan* diýen manyny bildirýär.

Şoňa laýyklykda *selef* – ýaşap geçenler[2] diýmekdir. *Lisänül-arap*-da: «Selef: senden öň geçen ata-babalaryň we garyndaşlaryň, senden ýaş we mertebe taýdan ýokarda bolanlar»[3] diýip bellenýär.

**Ibn Esir** (Alla oňa rehmet etsin): «Bir ynsanyň selefi diýlende, özünden öň ötüp giden atalary we garyndaşlary göz öňünde tutulýar. Şol sebäpden ilkinji döwrüň tabygynlaryna *salyh selef* diýlipdir»[4].

Şulara ýakyn manyda Kuranda şeýle aýatlar bar:

﴿فَجَعَلْنَاهُمْ سَلَفًا وَمَثَلًا لِلْآخِرِينَ﴾

[Zuhruf: 56]

«Bes, olardan soňkylar üçin olary selef (geçmiş) we görelde edip goýduk»

Ymam **Begawy** (Alla oňa rehmet eýlesin!) bu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär: «Selef ötüp geçen ata-babalar bolup, aýatyň manysy: **'soňkylar öwüt alsynlar diýip biz olary ötüp geçenler edip goýduk'** diýmek bolýar»[5].

Şu manyda Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) gyzy Fatyma (Alla ondan razy bolsun) ýüzlenip aýdan şu sözüni getirmek bolar: «Men seniň üçin oňat selefdirin»[6].

Ýokarky hadysda geçen *selef* sözünden *ozalky* diýen many göz öňünde tutulýar.

**Newewi** (Alla oňa rehmet etsin!) şol hadysyň manysyny düşündirende: «Selef: *öňde bolan* diýen manyny bildirýär. Ýagny, **'men seniň öňüňdedirin'** diýmekdir»[7].

**2) Selef sözüniň termin manysy:**

*Selef* sözi iki nukdaýynazardan aýdylýar.

---

[2] Ibn Färis, *Mugjemu mekaýysyl-luga*, (3/95).
[3] *Lisänül-arap* (6/330-331).
[4] *en-Nihäýe fiý garybyl-hadysy wel-eser,* (2/390).
[5] Begawynyň tefsiri, *Megalimüt-tenzil,* (7/218).
[6] Buhary, Kitabül-isti'zän, bap: Men näjä beýne ýedeýin-näs welem ýuhbir bisirri sahibih fe izä mäte ahbara bih (sah.1094) (hadys 8562), Müslim, Kitäbü fezaýylys-sahaba, bap: min fezaýyly Fatymati bintin-Nebi (sah.1078) (hadys 6314).
[7] *Minhäjü şerhi Sahyhy Müslim,* (15/225).

**1.Wagt taýdan.** Munda *selef* sözi belli bir döwürde ýaşanlar göz öňünde tutulýar. Alymlaryň «selef» sözini wagt taýdan düşündirmekde getiren kesgitlemeleri dürli-dürli bolup olaryň käbirleri şeýledir:

**Birinji garaýşa görä**: *selef* diýip diňe sahabalara aýdylýar.

**Kalşany** bu pikiri gollap «*Tahryrul-makal min şerhir-risäle*» diýen eserinde ol şeýle nygtaýar: «Salyh selef: birinji döwürde ýaşanlardyr: ylymda çuňlaşanlar, Pygamberiň ýolunda ýöränler, onuň sünnetini aýap saklanlardyr. Alla olary Öz Pygamberiniň ýoldaşlary edip döredip, olary dinini dikeltmek üçin saýlady. Olar Allanyň ýolunda hak jihat etdiler...»[8].

**Ikinji garaýşa görä:** *selef* diýip sahabalara, şol sanda tabygynlara aýdylýar.

**Raşyt ibn Sagd**, ymam **Ibn Batta** hem-de **Gazzaly** bu pikirdedirler.

Ymam **Buhary** (Alla oňa rehmet etsin) özüniň *Sahyhynda* «Bäbür-rukub alad-däbbet-sagbati wel-fuhuleti minel-haýl» adynda bir bap açyp Raşyt ibn Sagdyň: «Selef, erkek atlary halardy, sebäbi bu has ýüwrük we has gaýratly bolýar» diýendigni belleýär[9].

**Hafyz Ibn Hajar** (Alla oňa rehmet etsin) şeýle diýýär: «Buharynyň 'Raşyt ibn Sagd' diýeni 113-nji ýylda (milady) dünýäden öten Makra’ (ýa-da Mukra’) bolup ol şamly ***orta*** tabygyndyr. Buharyda onuň diňe şu rowaýaty bardyr. 'Selef' diýen söz bolsa; sahabalar we olardan soňky gelenleri öz içine alýar»[10].

**Hafyz Ibn Hajar** bu ýerde Raşydyň selef diýen sözünden: sahabalar we ondan soňky tabygynlary göz öňünde tutandygy; sebäbi Raşyt ibn Sagd ***orta tabakadan***[11] bolan tabygyndygyny, şol sebäpden onuň '**selef**' diýmegi «özünden öň öten sahabalar bilen tabygynlar» manysyny aňladýandygyny nygtapdyr.

Ymam **Ibn Batta** (Alla oňa rehmet etsin!) şeýle diýýär: «Men sözümiň başynda musulman doganlaryma Allanyň Kitabyndan, Resulynyň Sünnetinden ýapyşmaklaryny hem-de sahabalar we tabygynlar bolan päk selefe (selef-i salyh) tabyn bolmaklaryny ündäsim gelýär»[12].

---

[8] Bu kitapça golýazma bolup, ýokardaky ondan getirlen sözler, Şeýh Süleým (Selim) Hiläliniň «*Limäzä yhtartel-menhejes-selefi*» diýen kitapçasynyň üsti bilen ýetirildi. (sah. 31).
[9] Buhary, Jihäd we-seýr kitabyynda **taglyk** ýagdaýynda getirýär (sah.473).
[10] *Fethul-bäri* (6/82).
[11] Orta tabakadan – ýagny, orta ýaşly tabygynlar.
[12] *el-Ibäne an şerigatil-fyrkatin-näjiýe* (1/212-213).

**Abu Hamyt Gazzaly** (Alla oňa rehmet etsin!) *selef* sözi hakynda şulary belleýär: «Şuny oňat belle: ýiti ötgür kişileriň nazarynda hiç şek-şüphe bolmadyk arassa hak ýol selef mezhebidir; ýagny, sahabanyň we tabygynyň mezhebi»[13].

**Üçünji garaýyşa görä: *selef* sahabalary, tabygynlary hem-de olara tabyn bolanlary öz içine alýan ilkinji üç asyra aýdylýar.**

**Ibn Teýmiýe**[14] we **Şewkäni** bu pikirdedirler. Olar muňa delil hökmünde Abdylla ibn Mesgudyň şu hadysyny getirýärler: Pygamber (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi:

«Ynsanlaryň ýagşysy meniň döwrümdir, ondan soň olaryň yzyndan geljekler, ondan soň olaryň yzyndan geljekler...»[15].

**Ibn Teýmiýe** (Alla oňa rehmet eýlesin!): «Hadysçylar diýlende, üç asyrda ýaşan selef we olaryň yzyndan ýörän halaf (soňkylar) göz öňünde tutulýar»[16] diýipdir.

**Şewkäni** (Alla oňa rehmet etsin!) şeýle diýýär: «Sypatlaryň delillerini zahyryna (gönümel daşky manysyna) almak päk (salyh) selefiň mezhebidir: ýagny sahabalaryň, tabygynlaryň we olaryň yzyna eýerenleriň»[17].

**Dördünji garaýşa görä: *selef* diýlende sahaba, tabygyn, tabygyna eýerenler hem-de tabygyna eýerenleriň ýolundan gidenler göz öňünde tutulýar.**

**Ibn Hybban** (Alla oňa rehmet etsin!) *es-Sykat*[18] atly eserinde bu pikiri goldaýar. Ol Büreýde Esleminiň (Alla ondan razy bolsun!) şu hadysyna esaslanýar: Ol Allanyň Resulyndan (sallallahü aleýhi wesellem) şuny eşidendigini aýtdy:

«Bu ymmatyň ýagşylary meniň ýaşaýan döwrümdir. Ondan soň olaryň yzyndan geljekler, ondan soň olaryň yzyndan geljekler, ondan soň olaryň yzyndan geljeklerdir...»[19].

Ýokarda agzalan garaýyşlardan belli bolşy ýaly *selef* sözi wagt taýdan üç ýagşy nesile aýdylýar, ýagny sahabalara, tabygynlara we tabygynlara eýerenler. Munyň delili hezreti Pygamberiň (sallallahü aleýhi we sellem):

---

[13] *Iljämül-awam an ylmyl-keläm* (sah.53).

[14] *Der-ü tegaruzyl-akl wen-nakl* aty eserinde bolşy ýaly (1/207) Ibn Teýmiýe kähalatlarda Ymam Ahmedi we onuň döwürdeşlerini hem selefiň içine salan ýeri bardyr.

[15] Buhary, Kitäbü fezaýyly ashabin-nebiý, bap: Fezaýylu ashabin-nebiý (sah.612) (hadys - 3651), Müslim, Kitäbü fezaýylys-sahaba, bap: Fezaýylus-sahaba sümmelleziýne ýeluwnehüm, sümmelleziýne ýeluwnehüm (sah.1111) (hadys.6472).

[16] *Mejmugul-fetäwä,* (6/355).

[17] *et-Tuhaf fiý mezähibis-selef,* (sah.62).

[18] (8/1).

[19] Ahmet, *el-Müsned* (sah.1694) (hadys - 23412), Ibn Ebi Şeýbe, *el-Musannaf* (6/405) (hadys - 32414). (Emma bu rowaýatdaky dördünji döwürde geljekler baradaky böleginiň sahyhlygynda şüphe bar).

«Ynsanlaryň ýagşysy meniň döwrümdir, ondan soň olaryň yzyndan geljekler, ondan olaryň yzyndan geljekler..»[20] diýen sözüdir. Sebäbi şol döwürdäkiler ýagşylykda birinjilige, artykmaçlyga we uly mertebä eýe bolan adamlardyr.

Ýöne şu ýerde wagt nukdaý-nazaryndan getirlen bu kesgitlemä ýene bir şert goşmagy ýatdan çykarmzlyk gerekdir. Sebäbi şol döwürde hem birtopar bidgatçylar döräp *haryjylar*, *kadarylar*, *mürjiiler* ýaly pyrkalar orta çykypdyr.

**Goýulmaly bu şert bolsa: Kurana bilen Sünnete düşünip akyl ýetirmede sahabalara laýyk hereket etmeklikdir.**

Bu meseläni ençeme alymlar aýdyp geçipdir. Olardan **Hafyz Ibn Rejep** (Alla oňa rehmet etsin!) şeýle diýýär: «Häzirki döwrümizde, yzyna düşülýän selef ymamlarynyň sözlerini ýazmagyň zerurlygy ýüze çykýar...»[21].

Görlüşi ýaly **Ibn Rejep** şol döwürlerde hem bidgatlar bolany sebäpli, sözleri ýazylmaly bolan *selefi* tanadanda herhaýsy bir selef diýmän «**yzyna düşülýän** (ýollaryna eýerilýän)» diýip şertlendiripdir.

**Sefäriýni** (Alla oňa rehmet eýlesin!) bu meselede şunlary aýdýar: «Selef mezhebi (ýoly) diýlende: mertebesi belent sahabalaryň, olara oňat eýeren görnükli tabygynlaryň hem-de ýokary derejeleri ykrar edilen, dinde hormatlarynyň ululygy mälim bolan, sözleri nesilme-nesil öwrenile gelen, şeýle hem bidgatçylyk bilen günäkärlenmeýän din ymamlarynyň ýoly-mezhebi göz öňünde tutulýar»[22].

**Bu şerte şu-da delildir:**

Alla Tagala sahabalary öwüp olardan razydygyny aýdýar. Olara hiçbir şertsiz jenneti wada edýär. Emma olaryň yzyna düşen tabygynlara bolsa, diňe sahabalara dogry-dürs eýermekleri şerti bilen jenneti wada edýär.

Alla (azze we jelle) şeýle diýýär:

﴿وَالسَّابِقُونَ الْاَوَّلُونَ مِنَ الْمُهَاجِرِينَ وَالْاَنْصَارِ وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِاِحْسَانٍ رَضِىَ اللّٰهُ عَنْهُمْ وَرَضُوا عَنْهُ وَاَعَدَّ لَهُمْ جَنَّاتٍ تَجْرِى تَحْتَهَا الْاَنْهَارُ خَالِدِينَ فِيهَا اَبَدًا ذٰلِكَ الْفَوْزُ الْعَظِيمُ﴾

[Toba süresi: 100-nji aýat]

«Muhajirler we Ensarlaryň birinjilerinden (yslamyýýeti kabul edişlikde kesekileri) geçenlerden we olara ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenlerden Alla razy

[20] bu rowaýatyň çeşmesi mundan öň görkezildi.
[21] *Fazlu ylmys-selef ala ylmyl-halaf.* Ibn Rejebiň risalalar ýygyndysynda (3/24).
[22] *Lewämigul-enwar* (1/20).

boldy, olaram Alladan razy (hoşal) boldular. Hem-de olar üçin astyndan derýalar akyp duran, olaryň ebedi ýaşajak jennetlerini taýynlap goýdy. Ine, şu iň uly utuşdyr»

**Ibn Kaýýym** (Alla oňa rehmet etsin!) şeýle diýýär: «Bagtyýar eýerijiler iki topardyr: Olar garaşsyz eýerijiler bolup, Alla Tagalanyň şu aýatyna degişli bolanlardyr:

﴿وَالسَّابِقُونَ الْاَوَّلُونَ مِنَ الْمُهَاجِرِينَ وَالْاَنْصَارِ وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِاِحْسَانٍ رَضِىَ اللّٰهُ عَنْهُمْ وَرَضُوا عَنْهُ﴾

[Toba süresi/100-nji aýat]

«Muhajirler we Ensarlaryň birinji (yslamyýýeti kabul edişlikde kesekileri) geçenlerden hem-de (olara) ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenlerden Alla razy boldy, olaram Alladan razy (hoşal) boldular»

Ine bular, özleri hakynda Allanyň razylygy mese-mälim bolan kişiler bolup, olar Allanyň Resulynyň sahabalary hem-de olara dogry-dürs eýerenlerdir. Bu eýerişlik meselesi diňe sahabalary gören kişilere degişli bolman, eýsem Kyýamata çenli olaryň ýoluna eýeren ähli kişileri öz içine alýar. Tabygynlar diýip diňe sahabalary görenlere aýdylmagy adaty bir kesgitleme bolup, bu özlerinden soňky gelen nesillerden tapawutlandyrylsynlar diýip tapylan termindir. Ýogsa, sahabalaryň ýolundan ýörän herbir kişi tabygyndyr (eýeriji), ondan Alla razydyr, ol hem Alladan razydyr.

Alla (Subhanehu we Tagala) bu tabyn boluşlygy (sahabalaryň yzyna eýerişligi) *ihsan* bilen ýagny, iň gowy görnüşde dogry-dürslik bilen eýermek diýip şertlendirdi. Ýogsa bu, bir zatda olaryň yzyna düşüp başga bir zatda-da olaryň tersini etmeklik bilen emele gelip biljek şertsiz we umumy manydaky tabyg boluşlyk bolman, onuň içinde şol sanda ihsan hem bardyr. Sebäbi aýatdaky «بِاِحْسَانٍ» sözündäki ب (be) harpy bu ýerde ýanyndan aýrylmazlyk» manysyny bildirýär. *Ihsan*; Allanyň razylygyny we jennetlerini almakda yzyna eýermekligiň esasy şertidir»[23].

**Şeýh Abdyrahman Sagdy** (Alla oňa rehmet etsin!):

﴿وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِاِحْسَانٍ﴾

[Toba süresi/100-nji aýat]

[23] Er-*Risäletüt-tebukiýýe,* Ibn Kaýýymyň risalalar ýygyndysyndan (59-60).

«hem-de (olara) ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenler...»

diýen aýatyny tefsir edende: «ygtykatda, herbir sözde we amalda eýerenlerdir. Sebäbi olar ýazgarlyp käýýelmekden päk bolup, olara öwgüleriň iň aňyrbaşy hem-de Alladan iň belent mertebeler hasyl bolandyr»[24].

Bu ýerden mälim bolşy ýaly, kişi eger Kitap we Sünnete akyl ýetirişlikde sahabalar bilen ylalaşmasa, onuň şol abraýly döwürlerde ýaşamaklygy, Alla tarapyndan öwülen selefden hasaplanmagy üçin ýeterlik bolmaýar.

**2. Iman-akyda taýdan:**

Bu ýerde iman-akydada sahabalar bilen (Alla olardan razy bolsun) ylalaşmaklyk hem-de olar bilen ugurdaş bolmaklyk göz öňünde tutulýar we bu häsiýetdäki adama ***selefi*** diýilýär.

Bu many ymam **Ibn Teýmiýäniň**: «Selef, sahabalardan, tabygynlardan hem-de hadysçylardan ybaratdyr»[25] diýen sözünden mälim bolýar.

Ymam **Zehebi** (Alla oňa rehmet etsin!): «Selefi diýip: selefiň mezhebinde bolan kişä aýdylýar»[26] diýip belleýär.

**Ibn Ebil-Yzz Hanafy** (Alla oňa rehmet eýlesin!) *Akydatut-Tahawyýýa* şerhiniň girişinde şeýle diýýär: «Bu kitaby, sözleýişleri babatda selefiň ýoluny tutmak arkaly şerh etmegi ýüregime düwüp, olar bilen ugurdaş bolmak bilen olaryň arkasyna sokulmaga çalyşdym. Belki-de olaryň hataryna goşulyp olardan hasaplanaryn we olaryň toparynyň arasynda haşr bolaryn[27] diýip umyt edýärin»[28].

**Şeýh Muhammet ibn Salyh el-Useýmin** (Alla oňa rehmet etsin!) şeýle diýýär: «Häzirki günümizde *selefilik* bolup bilermi?

Elbetde. Wagt taýdan selefilik bolmasa-da, ol *ynam-akyda selefiliginiň* boljagyny aýdyp bileris. Sebäbi selef wagt taýdan ötüp geçdiler. Emma olaryň selef boluşlary ynam-akyda selefiligidir, has dogrusy akyda we amal selefiligidir. Olar özlerinden soňky gelenlere görä selefdirler»[29].

**Şeýh Bekr Abu Zeýd** (Alla rehmet etsin!) şeýle aýdýar: «Pygamberlik ýolunda (sünnetinde) mäkäm duranlar özlerinden öňki ýagşy (salyh) seleflerine ýöňkelýär we

[24] (sah. 400)
[25] *Der-ü tearuzyl-akl wen-nakl* (4/95), ýene seret: Şemsüs-Selefi Afgany, *Adaül-mätüridiýýe lil-akydatis-selefiýýe* (2/362-363).
[26] *Siýerü Aglamin-nübelä* (21/6).
[27] Haşr bolmak – Kyýamat güni hasap we sorag üçin Allanyň huzurynda topar-topar bolup jemlenmek.
[28] *Şerhul-akydatit-Tahawyýýa* (sah.77).
[29] *Şerhul-akydatis-Sefäriýniýýe* (sah.19-20).

olara: “selef we selefiler” diýilýär. *Selef* sözi bu ýerde «köneler» diýmeklik däldir. Şol sanda *halaf* sözi «soňkylar» diýen manyny aňlatmaýar. *Halaf* sözi eger ل (lam) üstün bolan ýagdaýynda iki manysynyň birinde «talyh - ýaman» diýmek bolýar. Eger-de ل (lam) säkin bolup *Half* görnüşinde gelse, onda diňe «talyh - ýaman» diýmekden başga many bildirmeýär. Edil Alla Tagalanyň şu aýatynda aýdyşy ýaly:

﴿ فَخَلف مِنْ بعدِهِمْ خَلْفٌ ﴾

[Merýem süresi: 59]

«Olaryň yzlaryndan bir half (ýaman nesiller) geldi...»

Şoňa görä, *selef* sözi bu ýerde : ýagşy selef (selef-i salyh) diýen many bildirýär. Bu sözüň şertsiz (mutlak) manyda ulanylanda: “sahabalaryň (Alla olardan razy bolsun!) yzyna düşen herbir kişi, hatda şol kişi häzirki döwürde ýaşaýan hem bolsa” diýen manyny bildirýänligi şoňa delil bolup durýar[30].

Bu aýdylanlardan «*selef*» adalgasynyň iki jähtden ýagny ***wagt*** we ***akyda*** taýdan ulanylýandygy mälim bolýar. Şol sebäpden wagt taýdan ýagşy selef bilen ugurdaş bolan herbir adam, giçki döwürde ýaşan hem bolsa ol akyda taýdan selefden hasaplanýar.

*Selefe* degişli bolmaklyk şerigata laýyk hem-de uly abraýdyr.[31] Ymam **Ibn Teýmiýe** (Alla oňa rehmet eýlesin) şeýle diýýär: «Selef mezhebini (ýoluny) äşgär öňe süren, özüni şolaryň ýoluna degişli saýyp, olaryň hataryna goşulan adam hiç aýyplanmaz. Gaýtam, onuň bu bolşy bir agyzdan gollanmalydyr. Sebäbi selefiň tutan ýoly hakdan başga zat däldir»[32].

Sahabalar döwründe bolmandyr diýip *Selefiýýe* diýen adalgany şeýle hem selefe degişli bolmaklygy bidgat hasaplamaklyk dogry däldir. Çünki sahabalar döwründe bu sözi ulanmaga zerurlyk ýokdy. Haçan-da dürli-dürli pyrkalar döräp herbir pyrka özüniň Kuran we Sünnete laýyk hereket edýändigini öňe sürmäge başlan mahaly ehl-i sünnet (sünniler), Kuran we Sünnete ters gelýän şol toparlardan tapawutlanmak üçin özüne bir at almaga mejbur boldy. Şonda olar *ehl-i hadys, ehl-i sünnet wel-jemagat* şeýle hem *selefiler* diýen ady aldylar.

Eger-de kimdir biri: Beýik Rebbimiziň Kurany Kerimde:

---

[30] *Hukmul-intimä ilel-fyraky wel-ahzab* (sah.36).

[31] Bu barada seret: Şeýh Ybraýym Rahyýly, *Mewkyfu ehlis-sünneti wel-jemaga min ehlil-ehwäi wel-bideg* (1/62-64). Dok. Muhammet Bäkerim, *Wasatyýýatu ehlis-sünne beýnel-fyraky* (sah.109-116).

[32] *Mejmugul-fetäwä* (4/149).

﴿هُوَ سَمَّيكُمُ الْمُسْلِمِينَ مِنْ قَبْلُ﴾

(Haj:78)

«Ol size mundan ozal musulman diýip at berdi»

aýdyşy ýaly biz näme üçin özümize musulman diýip at dakmaýarys diýen sorag bermegi mümkin.

**Jogap:** Hawa dakardyk, eger-de pyrkalar ýaýrap köpelmezinden öňki birinji asyrda ýaşan bolsak. Ýöne haçan-da pyrka we toparlar dürli künjege ýaýrap başlap özlerini musulman hasaplap ugran wagtlary *halas bolujy pyrkanyň* (fyrkaýy näjiýe) *heläk bolujy pyrkalardan* tapawutlanmagy zerurlygy ýüze çykdy.

Şol sebäpden selefe degişli bolmaklyk diýmek Allanyň päklän kişileriniň hataryna goşulmak diýmekdir. Sebäbi olaryň *yjmaglarynyň*[33] tersine gitmek bolýan däldir. Şonuň üçin selefe ýöňkelmeklik şerigat taýtan dürs we abraýdyr.

## SELEFIŇ ARTYKMAÇLYGY

Alla (jelle jelälüh) dinine goldaw, şerigatyna goraw üçin selefi saýlap aldy. Sebäbi olara ýagşy ynam-akyda we päk ýol-ugur bagyş etdi. Alla (azze we jelle) Kitabynyň birnäçe aýatlarynda olary öwüp, artykmaç we belent derejelerini beýan edip olaryň ýol we ugurlaryny oňlaýar. Hatda Alla (jelle jelälüh) olaryň ýörän ýollarynyň tersine gidenlere azabyň boljakdygny aýdýar. Çünki artykmaçlyk, öňdebaryjylyk we kämillik olara miýesser edipdi.

Allanyň Kitaby we Resulynyň Sünneti selefiň belent derejelerini, ýol-ugurlarynyň dürsligini subut edýän delillerden doludyr. Olardan şu aşakdakylary sanap bolar:

**Kurandan deliller:**

﴿وَالسَّابِقُونَ الْأَوَّلُونَ مِنَ الْمُهَاجِرِينَ وَالْأَنْصَارِ وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِإِحْسَانٍ رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُمْ وَرَضُوا عَنْهُ وَأَعَدَّ لَهُمْ جَنَّاتٍ تَجْرِي تَحْتَهَا الْأَنْهَارُ خَالِدِينَ فِيهَا أَبَدًا ذَلِكَ الْفَوْزُ الْعَظِيمُ﴾

[Toba süresi/100-nji aýat]

---

[33] Yjmag – Allanyň Resulyndan soňky döwürlerde herhaýsy bir amaly meseläniň şerigat hökmi babatynda musulman müjtehitleriniň agzybirlikli kararlary.

«Muhajirler we Ensarlaryň birinjilerinden (yslamyýeti kabul edişlikde kesekileri) geçenlerden we olara ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenlerden Alla razy boldy, olaram Alladan razy (hoşal) boldular. Hem-de olar üçin astyndan derýalar akyp duran, olaryň ebedi ýaşajak jennetlerini taýynlap goýdy. Ine, şu iň uly utuşdyr»

Bu aýatda Allanyň ***birinji geçip gidenleri*** hem-de olara ***ihsan*** bilen tabyn bolanlary öwüp ýatlamagy, olardan razy bolandygyny, şeýle hem olar üçin taýýarlap goýan uly sylag-sogaby habar bermegi olaryň artykmaçlygyna, mertebeleriniň ulylygyna delil bolup durýar. Munyň aňyrsynda bolsa olaryň ynam-akydalarynyň dürsligi we ýol-ugurlarynyň gözelligi ýatandyr.

**Ymam Ibn Jerir Tabary** (Alla oňa rehmet etsin) aýatyň manysy hakda şeýle diýýär: «Alla olardan razy boldy, sebäbi olar Alla boýun boldylar we Pygamberiniň çagyran buýrukdyr-gaýtaryşlaryna gulak asdylar. Muhajirler bilen Ensardan *birinji geçenler* we olara *ihsan* bilen (ýagny, dogry-dürs) *eýerenler* hem Alladan hoşal-razy boldylar. Sebäbi Alla Özüne boýun bolandyklary we Oňa we Pygamberine iman edendikleri sebäpli olara uly sylag-muzt taýynlap goýdy»[34].

﴿ مُّحَمَّدٌ رَّسُولُ اللَّهِ وَالَّذِينَ مَعَهُ أَشِدَّاء عَلَى الْكُفَّارِ رُحَمَاء بَيْنَهُمْ تَرَاهُمْ رُكَّعًا سُجَّدًا يَبْتَغُونَ فَضْلًا مِّنَ اللَّهِ وَرِضْوَانًا سِيمَاهُمْ فِي وُجُوهِهِم مِّنْ أَثَرِ السُّجُودِ ذَلِكَ مَثَلُهُمْ فِي التَّوْرَاةِ وَمَثَلُهُمْ فِي الْإِنجِيلِ كَزَرْعٍ أَخْرَجَ شَطْأَهُ فَآزَرَهُ فَاسْتَغْلَظَ فَاسْتَوَى عَلَى سُوقِهِ يُعْجِبُ الزُّرَّاعَ لِيَغِيظَ بِهِمُ الْكُفَّارَ وَعَدَ اللَّهُ الَّذِينَ آمَنُوا وَعَمِلُوا الصَّالِحَاتِ مِنْهُم مَّغْفِرَةً وَأَجْرًا عَظِيمًا ﴾

[Feth süresi: aýat 29]

«Muhammet Allanyň resuly-ilçisidir. Onuň bilen bile bolanlar (ýagny, möminler) kapyrlaryň garşysynda güýçli-gazaply, öz aralarynda bolsa rehimlidirler. Olary (mydam) Repleriniň kerem we razylygyny iýdäp, rukug we sejde edýän hallarynda görersiň. Olaryň ýüz-keşplerinde sejdeden galan yzlar (belgi) bardyr. Ine, şu olaryň Töwratdaky mysallary, we olaryň Injildäki mysallary bolsa; edil şaha çykaryp, kuwwata girip, ýognan, öz baldagynda dik duran, daýhanlaryň göwnünden turýan ekine meňzeýär. (Bu bolsa)

[34] *Jamygul-Beýän an te'wili äýil-Kur'an* (7/14).

kapyrlaryň janyny ýakmak üçindir. Alla olaryň iman edip salyh (ýagşy) amal işleýänlerine bagyşlanyş we uly bir sylag wada edendir»

Bu aýatda Alla (subhaneh) Pygamberiň ýanynda bolan sahabalaryň artykmaç derejelerini habar berip, olaryň içki we daşky dünýälerinde düzüw adamlar bolandygyny güwä geçýär. Sahabalary öwmek selefi öwmekdir. Sebäbi sahabalar selefiň başy we esasylarydyr.

Bu belent aýat birnäçe tarapdan selefiň uly mertebesini aýdyň görkezýär:

1 – Alla (azze we jelle) olary ýaradylanlaryň içinde iň ýagşysy we hormatlysy – Pygamberimiz bilen bir ýerde, bilelikde we ýanynda boluşlygy aňladýan «مع» sözi bilen agzap geçýär.

2 – Alla (jelle jelälüh) Pygamberine ýoldaş bolmaga olary saýlap seçdi. Bu bolsa olaryň uly derejesine delildir.

3 – Alla (azze we jelle) ﴿ أَشِدَّاء عَلَى الْكُفَّارِ رُحَمَاء بَيْنَهُمْ ﴾ (Olar kapyrlaryň garşysynda güýçli-gazaply, öz aralarynda bolsa rehimli) diýen sözünde olaryň ýol we ugurlaryny öwüp ýatlaýar.

4 – Alla (azze we jelle) olary Özüniň öňünde baş egijiler, ejizliklerini duýujylar, rukug we sejde edijiler, köňülleri diňe Oňa maýyl bolujylar, ähli möhümlerini diňe Ondan isleýjiler diýip taryplaýar.

5 – Alla (jelle jelälüh) olary Töwrat we Injildäki gylyk-häsiýetleri bilen ýatlap geçýär.

6 – Alla (jelle jelälüh) iman edendikleri we ýagşy amal işländikleri sebäpli olara bagyşlanyş we uly sylag wada edýär.

**Ibn Kesir** (Alla oňa rehmet eýlesin!) şeýle diýýär: «Sahabalaryň niýetleri päk, amallary gözeldir. Olara garan herbir kişi olaryň tutan ýol we ugurlaryny halar. Sahabalaryň yzyna düşen herbir kişi edil olar ýalydyr. Artykmaçlyk, öňdebaryjylyk hem-de bu ymmatyň hiçbirine miýesser etmedik kämillik olarda bardyr. Alla olardan hem razy bolsun, hem-de olary razy etsin, Firdöws jennetlerini olaryň barjak jaýy eýlesin! Hakykat ýüzünde şeýle etdi hem!»[35].

[35] *Tefsirul-Kur'anil-azym* (13/134-135).

﴿ وَمَنْ يُشَاقِقِ الرَّسُولَ مِنْ بَعْدِ مَا تَبَيَّنَ لَهُ الْهُدٰى وَيَتَّبِعْ غَيْرَ سَبِيلِ الْمُؤْمِنِينَ نُوَلِّه مَا تَوَلّٰى وَنُصْلِه جَهَنَّمَ وَسَاءَتْ مَصِيرًا ﴾

[Nisa: 115]

«Kim hidaýet (hak ýoly) bilenden soň, pygambere ters iş etse we möminleriň ýolundan başgasyna eýerse, biz ony öz gidesi gelen ýoluna ibereris, soň bolsa jähenneme salarys. Ol örän ýaman ýerdir»

Bu aýaty-kerime musulmanlaryň ýol we ugruna uýmagyň zerurdygyny aýdyň görkezýär. Bu bolsa netijede olaryň artykmaç mertebelerine, şanlarynyň belentligine delil bolup durýar. Bu aýatda **«möminler»** sözi bilen elbet-de sahabalar we olaryň yzyna ýagşylykda (ihsan bilen) eýerenler göz öňünde tutulýar. Sebäbi Alla sahabalar bilen olaryň yzyna ýagşylykda eýerenleriň möminlerdigine güwä geçdi. Muny biz şu aýatda görýäris:

﴿ وَالسَّابِقُونَ الْاَوَّلُونَ مِنَ الْمُهَاجِرِينَ وَالْاَنْصَارِ وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِاِحْسَانٍ رَضِيَ اللّٰهُ عَنْهُمْ وَرَضُوا عَنْهُ وَأَعَدَّ لَهُمْ جَنَّاتٍ تَجْرِي تَحْتَهَا الأَنْهَارُ خَالِدِينَ فِيهَا أَبَدًا ذٰلِكَ الْفَوْزُ الْعَظِيمُ ﴾

[Toba süresi;100]

«Muhajirler bilen Ensarlaryň birinji (yslamyýeti kabul edişlikde kesekileri) geçenlerden hem-de olara ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenlerden Alla razy boldy, olaram Alladan razy (hoşal) boldular. Hem-de olar üçin astyndan derýalar akyp duran, olaryň ebedi ýaşajak jennetlerini taýynlap goýdy. Ine, şu iň uly utuşdyr»

**Sünnetden deliller:**

• Abdylla ibn Mesgudyň (Alla ondan razy bolsun!) aýtmagyna görä Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) şeýle diýdi:

«Ynsanlaryň ýagşysy meniň döwrümdir, ondan soň olaryň yzlaryndan geljekler, ondan soň olaryň yzlaryndan geljekler...»[36].

Bu ýerde Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) bu üç döwürdäkileriň haýyrlydygyna güwä geçýär. Bu diýmek, olaryň ynam-ygtykatlaryny, söz-amallaryny

[36] Bu hadys öň tahryç edildi.

öwmeklikdir. Belent mertebe we bu ymmatyň hiçbirine miýesser etmedik kämillik olara degişlidir.

**Newewi** (Alla oňa rahmet etsin!): «Alymlar adamlaryň iň ýagşysynyň Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) döwürdeşleridigi babatda bir pikirdedirler» diýip belleýär[37].

Abu Bürdäniň (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat etmegine görä Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) şeýle diýdi:

«Ýyldyzlar asmana amanatdyr. Ýyldyzlar gitse asmanyň başyna wada edilen zat geljekdir. Men sahabalaryma amanatdyryn. Men gitsem sahabalarymyň başyna wada edilen zat geljekdir. Sahabalarym ymmatyma amanatdyr. Sahabalarym gitse ymmatymyň başyna wada edilen zat geljekdir»[38].

**Ymam Newewi** bu hadys üçin: «Pygamberiň durmuşda bolmagy sahabalaryna amanlykdyr, onuň sahabalarynyň durmuşda galmagy bolsa ymmatyna amanlykdyr» diýen bap açypdyr.

Ol (Alla oňa rahmet etsin!) hadysy şeýle düşündirýär: «Alymlar şeýle diýdi: amanat (الأمنة), emn[39] (الأمن) we aman[40] (الأمان) bir manydadyr. Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem): «Sahabalarym ymmatyma amanatdyr. Sahabalarym gitse ymmatymyň başyna wada edilen zat geljekdir» diýen sözündäki geljegi wada edilen zat: bidgatlar, dinde soňky çykan hokgalar, din babatdaky pitneler, şeýtanyň şahynyň döremegi (dogmagy), ymmatyň başyna rumlaryň we beýlekileriň abanmagy, Mekge we Medinäniň hormatynyň depelenmegi, we ş.m zatlardyr. Bularyň hemmesi Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) mugjyzalaryndandyr»[41].

Bu hadys sahabalaryň belent derejesiniň bardygyny görkezýär. Sebäbi Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) olaryň durmuşda bolmaklaryny soňkylary bidgatlardan, şerlerden we pitnelerden aýaýan galkan we gorag hökmünde häsiýetlendiren. Olaryň hidaýet ýoluna garşy gelenlere bolsa wada edilen zat geljekdir. Alladan aman we esenlik dileýäris.

Mundan başga Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) olary ýyldyzlara deňeýär. Sebäbi Alla ýyldyzlary asmana zynat (bezeg), ýol-ugur tapmaga alamat hem-de şeýtanlara

---

[37] *El-Minhäj Şerhu Sahyhy Müslim* (15/301).
[38] *Müslim, Kitäbü fazailis-Sahaba* (sah. 1109-1110) (6466-njy hadys).
[39] Emn - asudalyk, howpsuzlyk.
[40] Aman - salamatlyk, esenlik, amanlyk.
[41] El-Minhäj Şerhu Sahyhy Müslim (15/299-300).

zyňalga edip goýdy. Edil sahabalar hem (Alla olardan razy bolsun!) şolar ýalydyr. Şol sebäpden olara eýermekde şehwetparazlygyň we şübheleriň bidgatlaryndan gutulyş, şeýtanlaryň aldaw-hilelerinden goranyş bardyr. Bu bolsa olaryň gadyrlarynyň ululygyna, derejelerini belentligine aýdyň subutnama bolup durýar.

• Abdylla ibn Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýdi:

«Alla bendeleriň ýüreklerine nazar eýledi. Muhammediň (sallallahu aleýhi wesellem) ýüregini barça bendeleriň ýüreklerinden has ýagşy gördi. Şonuň üçin ony Özi üçin saýlap aldy we pygamberlik wezipesi bilen iberdi. Muhammediň (sallallahu aleýhi wesellem) ýüreginden soň Alla bendeleriň ýüreklerine nazar saldy. Bu gezek Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalarynyň ýüreklerini bütin halaýygyň ýüreklerinden has ýagşy gördi. Şol sebäpden olary pygamberiniň dini ugrunda söweşýän wezirleri (goldawçylary) edip belledi. Musulmanlaryň ýagşy gören zatlary Allanyň ýanynda-da ýagşydyr. Ýaman gören närseleri Allanyň ýanynda-da ýamandyr»[42].

**Bu rowaýatda:** sahabalaryň ýürekleriniň päkligini we ýagşylyny bilýän Allanyň (subhanehü we tegala) olary öz Pygamberiniň (sallallahu aleýhi we sellem) ýoldaşlary bolmaklary üçin seçip saýlamagy, olaryň mertebeleriniň belentligine delildir. Bu **Alym** (biliji), **Habyr** (habarly) bolan Allan tarapyndan edilen şaýatlyk we güwädir. Sarpa we mertebe üçin mundan aňyrda zat ýok bolsa gerek.

• Sehl ibn Sagd (Alla olardan razy bolsun!) şeýle diýýär: Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) biz garym (hendek) gazyp, eginlerimizde toprak daşap duran mahalymyz ýanymyza gelip: «Eý Rebbim! Ahyret ýaşaýşyndan başga ýaşaýyş ýokdyr! Muhajirleri we ensarslary bagyşla!»[43] diýdi.

Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) bu ýerde sahabalaryna Alladan bagyşlanyş dileýär. Bu bolsa Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi we sellem) olardan, olaryň amallaryndan we sözlerinden hoşal bolandygyny görkezýär.

---

[42] Ahmet, *Müsned* (sah.286) (3600-nji hadys), Bezzar, *el-Bahruz-zehhar* (5/212) (1816-njy hadys), Ajurry, *eş-Şeriga* (4/1675), rowaýat Abu Bekr ibn Aýýaşdan, ol hem Asymdan, ol hem Zirr ibn Habişdan (Hübeýş), ol hem Abdylladan gelen.
**Heýsemi** *Mejmuguz-zewäid*-de (8/453): «Hadysyň rowaýatçylary sykadyr (ygtybarlydyr)» diýdi.
**Sehawy** *el-Mekasydul-hasana*-da (sah.581): «Hasan mewkuf (sahaba sözi)» diýdi.
**Albani** *ed-Dagyfa*-da (2/17): «Ibn Mesgutdan mewkuf ýagdaýda geldi, isnady hasandyr» diýdi.
Onuň aýdany dogry. Sebäbi onda Asym ibn Behdele bar. Ol hakda **Darikutny**: «Ýadynda kemlik bar» diýip nygtady.
Mizziniň *Tehzibül-Kemal*-ynda hem şeýledir (4/6). Netijede bu eseriň (rowaýatyň) isnady hasan (ýagşy, sahyhdan pesiräk) bolýar.
**El-Albany** rowaýatdaky «Musulmanlaryň ýagşy gören zady Allanyň ýanynda-da ýagşydyr….» diýen sözi hakynda şeýle diýýär: «Merfug ýagdaýda munyň asly ýokdyr» [Ýagny, Allanyň resulyna ýöňkelýän beýle söz ýokdyr].
[43] Buhary, *Kitäbü menakybyl-Ensar* (sah.637) (3797-nji hadys), Muslim, *Kitäbül-jihad* (sah.805) (4672-nji hadys).

Ýokardaky aýdylyp geçilenlerden selefiň – olaryň başynda bolsa Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalary bar – artykmaç derejesi, orunlarynyň ululygy, derejeleriniň belentligi aýdyň mälim bolýar. Bu barada gelen deliller kän bolup, bular bilen çäklenmegi makul bildim.

Enesden (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat edilen şu hadys biziň ýokarda kesgitlän meselämiz bilen çaprazlaşmaýandygyny ýatladyp geçesim gelýär; ýagny Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) şeýle diýdi: «Meniň ymmatymyň mysaly edil ýagyn ýalydyr; başy haýyrlymy soňy haýyrlymy näbellidir»[44].

Ymam **Ibn Teýmiýe** (Alla oňa rehmet eýlesin!) bu hadys barada söz açanda şeýle diýýär: **«Meniň ymmatymyň mysaly edil ýagyn ýalydyr; başy haýyrlymy soňy haýyrlymy näbellidir»** diýen hadysyň isnady barasynda köp gürrüňler edildi. Ony sahyh diýip hasaplan ýagdaýymyzda-da onuň manysy; *ymmatyň soňkylarynda ilkinjilere (selefe) ýakyn boljak adamlar döräp, käbir ynsanlarda olaryň haýsysy has ýagşydygy babatda şüphe peýda bolar* diýmekdir. Edil adamlaryň eşigiň iki tarapyny bulaşdyryşlary ýaly. Aslynda bolsa başynyň soňundan has ýagşydygy mese-mälimdir. Şol sebäpden hadysda: **«näbellidir»** diýildi.

Mälim bolşy ýaly bu otrisatellik ymmatyň ählisine umumy däldir. Sebäbi ymmatyň haýsy toparynyň ýagşydygy belli bolmagy hökmanydyr[45].

**Şatyby** (Alla oňa rehmet etsin!) bu hadys meselesinde şulary aýdýar: «Allanyň Resulynyň: **«Ynsanlaryň ýagşysy meniň döwrümdir...»**[46] diýen hadysy bu ugurda düýp esas bolup durýar. Sahabalaryň (Alla olardan razy bolsun!) derejesine ýetjek hiçkim ýokdyr. Mundan galan hadyslarda ýa bir ýagdaýa, ýa bir döwre görä ýa-da käbir jähtlere degişli bolup biler diýip düşündirmäge (tewil etmäge) mümkinçilik bar[47].

* * *

---

[44] Tirmizi, *el-Jamyg, Kitäbül-emsäl an rasulillä* (sah.641-642) (2869-njy hadys) Tirmiz: «Bu ýol bilen bu hasan garyp hadysdyr» diýýär. Ahmet *el-Müsned* (sah.8848) (12389-nji hadys), (sah.858) (12488-nji hadys), Ramhürmüzi *Emsälül-Hadys,* (sah.164), hemmesi Säbitiň üsti bilen (taryky bilen) Enesden (Alla ondan razy bolsun) rowaýat edýärler.
**Ibn Hajar** *Fethul-Bari*-de (7/9): «Bu hasan hadys bolup, sahyhlyk derejesine çykarmaga ýaraýan ýollary kän» diýýär.
Bu hadysa şaýatlyk edýän başga-da rowaýatlar bar. Birini Ammar ibn Ýäsir beýlekisini hem Abdylla ibn Omar rowaýat edýär. Ammar ibn Ýäsiriň hadysyny Ibn Hibban *Sahyhynda* (16/209-210) (7226-njy hadys). **El-Albany** *es-Sahyha*-da (5358) bu barada: «Beýlekileriň goşulmagy bilen hasan (hasan ligaýrih) isnatdyr, özbaşyna hasan hem bolup biler, bu ýagdaýda beýlekileriň goşulmagy bilen sahyh bolar (sahyh ligaýri)» diýýär.
Ibn Omaryň hadysyny Abu Nugaým *el-Hylýe*-de (2/231) rowaýat edýär. **El-Albany** *es-Sahyha*-da (5/358): «Sahyh isnad» diýdi. Netijede hadys özüne şaýatlyk edýän beýleki rowaýatlaryň kömegi bilen sahyh bolýar.
[45] *Mejmugul-fetäwä* (2/227).
[46] Bu hadysyň çeşmesi (tahryjy) öň aýdylyp geçildi.
[47] *El-Ygtysam* (2/56).

## SELEFE EÝERMEGIŇ ZERLYGY

Kalp gözleri açyk we akylly başly kişilerçe ap-aýdyň hak bolan zat, selefiň yzyna düşmegiň wajyplygydyr. Sebäbi olar Allanyň Resulynyň sözüni has oňat bilenlerdir. Olar Kurany-Kerimiň inişini gözleri bilen gören adamlardyr. Şol sebäpden olar yzlaryna düşülmegä iň laýyk kişilerdir.

Selefiň yzyna eýermegiň wajypdygyna: Kitap[48], Sünnet, yjmag, sahabalaryň we olara tabyn bolanlaryň sözleri subutnama bolup durýar.

**1-Kurany-Kerimden deliller:**

Allahu tagala şeýle diýýär:

﴿وَمَن يُشَاقِقِ الرَّسُولَ مِن بَعْدِ مَا تَبَيَّنَ لَهُ الْهُدَى وَيَتَّبِعْ غَيْرَ سَبِيلِ الْمُؤْمِنِينَ نُوَلِّهِ مَا تَوَلَّى وَنُصْلِهِ جَهَنَّمَ وَسَاءتْ مَصِيرًا﴾

[en-Nisa;115]

«Kim, özüne hidaýet besbelli bolandan soň pygambere garşy gelip, möminleriň ýolundan başgasyna uýsa, ony tutan ýolunda goýarys we jähenneme salarys. Ol ýeri neneňsi ýaman soňdyr»

Alla (azze we jelle) bu aýaty-kerimede Pygambere garşy gelip, möminleriň ýolundan başgasyna uýanlara ajy azabyň boljagyny duýdurýar we netijede olaryň ýoluna eýermegiň wajypdygyny görkezýär.

Pygambere garşy gelmeklik bilen möminleriň ýolundan başgasyna uýmaklyk biri-birlerleri bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Iki häsiýediň her biri hem azaba duçar bolmaga iterýär. Sebäbi bu ikisiniň her biri biri-biriniň aýrylmaz bölegidir.

**Abulapbas Ibn Teýmiýe** şeýle diýär: «Alla (tegala) şeýle perman edýär:

﴿وَمَن يُشَاقِقِ الرَّسُولَ مِن بَعْدِ مَا تَبَيَّنَ لَهُ الْهُدَى وَيَتَّبِعْ غَيْرَ سَبِيلِ الْمُؤْمِنِينَ نُوَلِّهِ مَا تَوَلَّى وَنُصْلِهِ جَهَنَّمَ وَسَاءتْ مَصِيرًا﴾

[en-Nisa;115]

[48] Ýagny, Kurany-Kerim.

«Kim, özüne hidaýet besbelli bolandan soň pygambere garşy gelip, möminleriň ýolundan başgasyna uýsa, ony tutan ýolunda goýarys we jähenneme salarys. Ol ýeri neneňsi ýaman soňdyr»

Alla öz pygamberiniň ýoldaşlary (sahabalary) bilen olara iň dürs (ihsan bilen) uýanlaryň mömindiklerine güwä geçdi. Şol sebäpden bu aýatda möminler diýip hut şolar diýiljek bolunýandygy mese-mälim bolup durandyr. Alla (tegala) şeýle diýdi:

﴿وَالسَّابِقُونَ الْاَوَّلُونَ مِنَ الْمُهَاجِرِينَ وَالْاَنْصَارِ وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِاِحْسَانٍ رَضِىَ اللّٰهُ عَنْهُمْ وَرَضُوا عَنْهُ وَاَعَدَّ لَهُمْ جَنَّاتٍ تَجْرِى تَحْتَهَا الْاَنْهَارُ خَالِدِينَ فِيهَا اَبَدًا ذٰلِكَ الْفَوْزُ الْعَظِيمُ﴾

[Toba süresi/100-nji aýat]

«Muhajirler bilen Ensardan birinji (yslamyýeti kabul edişlikde kesekileri) geçenlerden hem-de (olara) ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenlerden Alla razy boldy, olaram Alladan razy (hoşal) boldular. Hem-de olar üçin astyndan derýalar akýan jennetler taýýarlap goýdy. Içlerinde ebedi galjakdyrlar. Ine bu, iň uly utuşdyr»

Alla (tegala) şeýle diýdi:

﴿لَقَدْ رَضِيَ اللَّهُ عَنِ الْمُؤْمِنِينَ إِذْ يُبَايِعُونَكَ تَحْتَ الشَّجَرَةِ فَعَلِمَ مَا فِي قُلُوبِهِمْ فَأَنزَلَ السَّكِينَةَ عَلَيْهِمْ وَأَثَابَهُمْ فَتْحًا قَرِيبًا﴾

[Fetih:18]

«Alla hakykatdan agaç astynda saňa beýgat edýärkäler (sözleşýärkäler) möminlerden razy boldy. Ýüreklerindäkileri bildi we olara dynçlyk-asudalyk indirip özlerine ýakyn fethi bagyş etdi»[49].

**Ibn Teýmiýe** (Alla oňa rahmet etsin!) sözüne şeýle dowam edýär: «Bu aýat möminleriň ýoluna düşmegiň wajypdygyny, olardan özgeleriň ýoluna eýermegiň hem haramdygyny görkäzýär. Ýöne elbetde bu, kişä dogry ýol besbelli bolansoň Pygambere garşy gelmeginiň haramdygy bilen bilelikde göz öňünde tutulmalydyr. Bu iki häsiýet üçin hem käýinjiň bardygyna delildir. Emma Alla we Pygambere ytagat etmek (boýun bolmak) bilen baglanşykda aýdylyp geçilşi ýaly bularyň (ýagny, Pygambere ters gitmek bilen

[49] *Mejmugul-Fetäwä,* (4/1-2).

möminleriň ýolundan başgasyna uýmagyň) biri-biri bilen berk baglanşygyny ýok etmeýär»[50].

**Delillerden ýene biri**: Allanyň (azze we jelle) şu sözüdir:

﴿وَاتَّبِعْ سَبِيلَ مَنْ أَنَابَ إِلَيَّ﴾

[Lukman:15]

«We maňa dolanyp gelenleriň ýoluny tut»

**Ibn Kaýýym** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär: «Sahabalaryň ählijesi Alla dolanan, Onuň ýoluna öwrülen kişilerdir. Şol sebäpden sahabanyň ýoluny tutmak wagypdyr. Sahabanyň sözleri, iman-akydalary olaryň iň uly ýoludyr. Olaryň Allanyň ýoluna düşendikleriniň delili: Alla tagala olary hidaýete gowuşdyrdy we:

﴿وَيَهْدِي إِلَيْهِ مَن يُنِيبُ﴾

[Şura:13]

«Özüne baka ýol tutanlary hidaýete elter»

diýip perman etdi»[51].

**2) Sünnetden delil:**

**a)** Abdylla ibn Amrdan (Alla ondan razy bolsun!) rowaýat edilmegine görä Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) şeýle aýtdy:

«Ysraýyl ogullary ýetmiş iki millete (pyrka,topara) bölündiler. Meniň ymmatym hem ýetmiş üç millete bölüner. Olaryň diňe birinden galany hemmesi Jähennem odundadyr». Şonda: «Diňe biri diýeniň kimler?» diýip soranlarynda ol: «Meniň bilen sahabalarymyň ýolunda bolanlar» diýip aýtdy»[52].

Bu hadysda Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) otdan halas boljak pyrkany Pygamberiň we onuň sahabalarynyňky ýaly ýolda bolanlar diýip taryplady. Bu bolsa

---

[50] *Mejmugul-Fetäwä,* (19/193).
[51] *Yglamul-Muwakkygyn,* (5/567).
[52] Tirmizi, *el-Jamyg, Kitäbül-iman, bäbü mä jä-e fi iftiraky häzihil-ümme* (sah.595-596) (2641-nji hadys) Tirmizi aýtdy: «Bu *hasan garyp* hadys bolup, muny diňe şu görnüşde bilýäris»; Hakim *el-Müstedrek* (1/129), Ajurry, *eş-Şeriga* (1/307) (23-nji hadys). Olaryň hemmesi Abdurrahman ibn Zyýad Yfrykydan, ol hem Abdulla ibn Ýezidden, ol hem Abdulla ibn Amrdan rowaýat etdiler.
**Ibn Teýmiýe** *Mejmugul-fetäwä'de* (3/345) bu hadysy sahyh hasaplady. **El-Albany** Tirmiziniň *Sünenine* eden taglykynda muňa hasan diýip baha berdi (2641).

olaryň yzyna düşmegiň, ýoluny tutmagyň wajyplygyny we şol sanda olara ters gidenleriň jähennem oduna sezewar boljagyny subut edýär.

**b)** Yrbaz ibn Säriýe (Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýdi:

«Allanyň Resuly bize şeýle bir wagyz-nesihat etdi welin, ýürekler tisgindi, gözler ýaş dökdi. Biz: Ýa Resulalla! Bu bir hoşlaşyp gitjek kişiniň nesihaty ýalyla! Eger beýle bolsa bize wesýet et! – diýdik. Ol şeýle aýtdy:

«Size Alladan gorkmagyňyzy (takwa) we başyňyza hatda bir gul ýolbaşçy bolaýanda-da doly boýun bolmagyňyzy wesýet edýärin. Entek ýene ýaşasaňyz gelejekde herhili gapma-garşylyklar görersiňiz. Bu ýagdaýda siz: meniň we dogry we päk halyflaryň sünnetinden (ýolundan) azy dişleriňizi gysyp berk ýapyşyň. Soň tapylan ähli işlerden ägä boluň, sebäbi her bir bidgat ýoluňy ýitirmeklikdir (zalalet)»[53].

Bu hadys birnäçe tarapdan selefe eýermegiň zerurlygyny görkezýär. Ýagny:

**1-**Pygamber (sallallahu aleýhi wesellem) şol wagzynda şeýle bir çuňňur we çeper gepledi, diňleýänler muňa hoşlaşyp gitjek kişiniň edýän wagyzy diýip düşündiler. Bular ýaly halatlarda bolsa iň zerur zatlar soralyp öwrenilýär. Allanyň Resuly olara öz sünnetinden hem-de dogry halyflaryň sünnetinden (ýolundan) aýrylmazlygy tabşyrýar.

**2-**Sahabalar (Alla olardan razy bolsun!) Pygamberden (sallallahu aleýhi wesellem) özlerine peýdaly wesýet etmegini soraýarlar. Allanyň Resuly hem olara öz sünnetine we päk halyflaryň sünnetine berk ýapyşmagy ündeýär. Bu bolsa dünýä we ahyrýet bagtyýarlygynyň diňe bu ýol bilen amala aşjagyny görkezýär.

**3-**Allanyň Resuly ymmatyna, agzalalyk we gapma-garşylyk boljak döwürlerde öz sünnetine we dogry halyflaryň sünnetine eýermegi buýurýar. Buýruk bolsa wajyplygy aňladýar.

**4-**Allanyň Resuly özüniň: «(Sünnete) azy dişleriňiz bilen berk gysyp ýapyşyň» diýen sözleri bilen öz sünnetine we dogry halyflaryň sünnetine uýmaga çagyrýar.

---

[53] Ahmet, *el-Müsned* (sah.1216) (17272-nji hadys), (sah.1216) (17274-nji hadys), Abu Dawut *es-Sünen*, Kitabüs-sünne, Bap: fiý luzumis-sünne (sah.691) (4607-nji hadys), Tirmizi *el-Jamyg,* Kitäbül-ylm, Bap: Mä jä fil-ahzi bis-sünne we-jtinäbil-bidag (sah.603) (2676-njy hadys), Ibn Mäje *es-Sünen,* Kitäbüs-sünne, Bap: Itttibagu sünneti-Hulafair-raşidiýn (sah.6) (42,43-nji hadys), we beýlekiler.
Bu hadysy birnäçe alym sahyh hasaplady:
**Tirmizi**: «Hasan sahyh hadys» diýdi.
**Abu Ysmaýyl Herewi** *Zemmül-kelam*-da (3/122) şeýle diýdi: «Bu şamlylaryň iň **jeýýit** (kanagatlanarly) we iň **hasan** hadyslaryndandyr».
**Begawi** *Şerhus-sünne*-de (1/205) şeýle aýtdy: «Hasan hadys».
**Häkim** *el-Müsredrek*-de (1/98): «Alla hamd bolsun! Bu hadys sahyhdyr» diýip nygtady.
**Ibn Teýmiýe** *Mejmugul-fetäwä*-de (18/190): «Bu Sünenlerde geçýän sahyh hadysdyr» diýýär.

**Ibn Esir** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär: «Hadysdaky "Azy dişler bilen gysyň" diýen jümlesi: kişiniň bir zady edil azy dişleri bilen dişleýşi ýaly sünnetden berk gysyp ýapyşyň diýen manyny aňladýar»[54].

**Abul-Apbas ibn Teýmiýe** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär: «Bu hadysda Allanyň Resuly musulmanlara öz sünnetine we päk halyflaryň sünnetine eýermeklerini tabşyrýar. Hem-de täze tapylan bidgatlaryň sünnetiň tersidigini beýan edýär»[55].

**Ç)** Abdulla ibn Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýdi: Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) bize bir çyzyk çyzdy-da: «Bu Allanyň ýoly» diýdi. Soň onuň sagyndan we çepinden ýene çyzyklar çyzyp: «Bularam birgiden ýollar, her ýoluň başynda bolsa şol ýola çagyryp duran bir şeýtan bardyr» diýdi soňam şu aýaty okady:

﴿وَأَنَّ هَٰذَا صِرَاطِي مُسْتَقِيمًا فَاتَّبِعُوهُ وَلَا تَتَّبِعُوا السُّبُلَ فَتَفَرَّقَ بِكُمْ عَنْ سَبِيلِهِ ذَٰلِكُمْ وَصَّاكُمْ بِهِ لَعَلَّكُمْ تَتَّقُونَ﴾

[el-Engam; 153]

«Ynha bu meniň dogry ýolumdyr, muňa uýuň. Başga ýollara uýmaň, ýogsam o ýollar sizi bölek-bölek edip dargadar. Bulary size ägä bolarsyzyňyz diýip Alla emir etdi»[56]

Ymam **Ibn Teýmiýe** (Alla oňa rahmet etsin!) bu hadys hakynda gürrüň açyp şeýle diýýär: «Alla bilen (oňat halda) duşuşmagy umyt edýän akylly kişi bu mysalyň üstünde oýlansa, şeýle hem *haryjylar*, soňam *mugteziýliler*, soňam *jehmiýler*, soňam *rafyzyýlar* ýaly toparlar we olaryň sünnilere iň ýakynyragy bolan *kerramiýler*, *kiläbiýler*, *eşgaryýlar* ýaly kelamçylar hakynda pikirlense, hem-de bularyň herbiriniň sahabalaryň we hadysçylaryň ýolundan daşyna çykýan ugurynyň bardygyny, we bu ýoluny ýeke-täk dogry ýol diýip bilşini göz öňüne getirse, öz arzuw-isleginden gürlemeýän magsum[57] Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) getiren bu mysalyndan hut şol toparlaryň göz öňünde tutulandygyny görjekdir. Sebäbi Onuň (sallallahu aleýhi wesellem) gepi wahyýdan[58] başga zat däldir»[59].

---

[54] *En-Nihäýe fiý gariýbil-hadys* (5/20).
[55] *Mejmugul-fetäwä* (21/27).
[56] Nisäýi, *es-Sünenül-Kübra,* kitabüt-tefsir (10/95) (11109-njy hadys), Ahmet, *el-Müsned* (sah.326) (4142-nji hadys), Häkim, *el-Müstedrek* (2/318), ol: «Isnady sahyhdyr, emma Buhary we Müslim muny tahryç etmediler» diýýär.
**El-Albani** *Mişkätül-Mesabiýh'*da (1/58) (166-njy hadys) bu hadysa: «Isnady hasandyr» diýip baha berýär.
[57] Magsum – Alla tarapyndan ýalňyşdan goralýan, günäsiz.
[58] Wahyý – Alladan inýän görkezmeler.

**3) Yjmag[60] delili**

**Ibn Kaýýym** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär:

«Her döwür we her mekanda öňden bäri ylymdarlar sahabalaryň pitwalaryny we sözlerini delil hökmünde ulanyp gelýärler. Olary ýazgaran hem ýokdyr. Alymlaryň ýazanlary munyň açyk şaýady, özara eden çekeleşikleri hem munyň beýanydyr. Mäliki alymlaryň şeýle diýenleri bar: belli bir döwürde ýaşan alymlar bu ugury hüjjet hasaplamakda yjmag etdiler. Bu olaryň eden rowaýatlarynda, kitaplarynda, ylmy çekeleşiklerinde (munazarat) mälim zatdyr. Ýagdaý bu bolup durka, olaryň hemmesiniň Allanyň we Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) kanun (şerigat) edip goýmadyk zadynda hüjjet gözlemekleri asla mümkin däldir. Selef (irki döwür alymlaryň) we halefiň (giçki döwür alymlaryň) içinde höküm we delil bolan islendik eserlerine seredeniňde, onda sahabalaryň sözlerinden delil getirilýändiklerini görersiň. Has dogrusy muny şol eserleriň bezegi we ýoňudygyny görersiň.

Hiç haçan olaryň içinde «Abu Bekriň, Omaryň sözi hüjjet (delil) däldir, Allanyň Resulynyň sahabalarynyň sözlerinden we pitwalaryndan hüjjet gözlenmez» diýen söze ýa-da muňa meňzeş gürrüňlere gabat gelmersiň. Alymyň ýüregi neneň edip, sözleri birnäçe hökümlerde Allanyň isleýşine görä gabat gelen, Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) huzurynda söz aýdyp, pitwa berip, Kurany-Kerim inip onuň aýdanlaryny sözme-söz we many taýdan tassyklan kişisiniň öňüne ondan soň gelen we dereje taýdan hem ondan pes bolan birini geçirmäge razy bolsun»[61].

**Selefiň düşünjesini hüjjet kabul etmek hakynda sahabalaryň, tabygynlaryň we olardan soňkylaryň aýdanlary:**

Käbir sahabalar we olara dorgy-dürs (ihsan) bilen eýerenler özleriniň tersine gidenlere garşy ymmatyň seleflerini hüjjet edinendikleri hakdyr. Bu bolsa selefiň ýoluna tabyn bolmagyň wajypdygyny, şeýle hem munyň ýeke-täk halas boluşlyk ýoludygyny görkezýär.

**Birinjiden: sahabalaryň aýdan sözleri.**

---

[59] *Mejmugul-fetäwä* (4/57).

[60] Yjmag – Allanyň Resulyndan soňky döwürlerde herhaýsy bir amaly meseläniň şerigat hökmi babatynda musulman müjtehitleriniň agzybirlikli kararlary.

[61] *Yglamul-muwakkygyn* (6/29-30).

• Omar ibn Hattabyň möwlasy Eslem şeýle diýýär: «Omar ibn Hattap, Talha ibn Ubeýdullany yhramlyka boýalgy eşikde gördi. Omar oňa:

— Bu boýalan eşigiň näme eý Talha – diýdi. Talha:

— Eý möminleriň emiri! Bu bir toýundyr (meder) - diýdi. Omar:

— Eý halaýyk! Siz ymamsyňyz, size adamlar seredip görelde alýandyr – diýdi»[62].

Dogry halyf Omar (Alla ondan razy bolsun!) bu ýerde sahabalaryň adamlar tarapyndan görelde alynýan ymamlardygyny aýdyň düşündirýär. Bu sahabalar tarapyndan ykrar edilen mesele bolany sebäpli beýik sahaba Talha (Alla ondan razy bolsun!), galyberse-de hiçbir sahaba Hezreti Omara garşy gitmeýär.

• Amr ibn Seleme şeýle diýýär: «Öýle namazyndan öň Abdylla ibn Mesgudyň (Alla ondan razy bolsun) işiginde oturdyk. Ol daşary çykansoň onuň bilen bilelikde mesjide baka ýöredik. Şol mahal Abu Musa Eşgary (Alla ondan razy bolsun!) ýanymyza gelip:

— Abu Abdyrahman[63] geldimi? – diýip sorady. Biz:

— Ýok – diýdik. Ol gelýänçä biziň ýanymyza geçip oturdy. Ol gelen çagty hemmämiz ýerimizden turdyk. Abu Musa oňa:

— Eý Abu Abdyrahman men ýaňja mesjitde bir ýaman iş gördüm. Alla hamd bolsun, men gowulykdan başga zat gören däldirin - diýdi. Ol:

— Ol nämekä? – diýip sorady. Ol:

— Ine görersiň – diýdi we sözüni şeýle dowam etdirdi:

— Mesjitde namaza garaşyp oturan halka-halka (topar-topar) adamlar gördüm. Elleri owunjak daşlar bolan her toparyň başynda bir adam bar bolup olara: «Ýüz gezek tekbir[64] aýdyň» diýýär, olaram ýüz gezek tekbir aýdýarlar. Soň: «Ýüz gezek tehlil[65] aýdyň» diýýär, olaram ýüz gezek tehlil aýdýarlar. Soň: «Ýüz gezek tesbih[66] aýdyň» diýýär, olaram ýüz gezek tesbih aýdýarlar. Abu Abdyrahman oňa:

— Olara näme diýdiň? – diýdi. Ol:

— Seniň aýtjak pikiriňe ýa-da etjek buýrugyňa garaşyp olara hiç zat diýmedim – diýdi. Ol:

— Olara öz ýaman işlerini sanamaklaryny emir edip, ýagşy işlerinden hiçbir zadyň ýitmejegini güwä geçseň bolmadymy? – diýdi.

---

[62] Mälik, *el-Muwatta'*, Nafygdan, ol hem Omaryň möwlasy (guly) Eslemden rowaýat etdi, senedi sahyhdyr.

[63] Ýagny, Abdylla ibn Mesgyt (Alla ondan razy bolsun!).

[64] Tekbir – Allahü ekber (Alla beýikdir) diýen sözi gaýtalamak.

[65] Tehlil – Lä ilähe illalla (Alladan özge ybadat edilýän taňry ýokdyr) diýen jümläni gaýtalamak.

[66] Tesbih – Subhanalla (Alla ähli kemçilikden päkdir) diýen jümläni tekrarlamak.

Ondan soň Abu Abdyrahman ýöredi, bizem onuň yzyna düşdik. Şol oturan märekäniň birine baryp:

— Siziň bu edýäniňiz näme? – diýdi. Olar:

— Eý Abu Abdyrahman! daşjagazlar bilen tekbir, tehlil we tesbih sanaýarys – diýip düşündirdiler. Ol:

— Siz günäleriňizi sanaň gowusy, men size ýagşy işleriňizden hiçbir zadyň kemelmejegini güwä geçýärin. Eý Muhammet ymmaty! Size näme bolýar, Pygamberiňiziň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalary araňyzda barka, onuň egin-eşigi entek ýyrtylyp sandan çykmanka, gap-gajy döwülmänkä siz tiz heläkçilige uçraýarsyňyz. Janym elinde bolan Alla kasam bolsun, siz ýa-ha Muhammediň dininden has dogry dindesiňiz ýa-da zalalat gapysyny açyp otursyňyz - diýdi.

Olar:

— Alla ant içýäris eý Abu Abdyrahman! Biz gowulykdan başga zat etjek bolmadyk – diýdiler. Ol:

— Gowulygy gözläp oňa ýetip bilmedikler kändir. Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) bize şeýle aýtdy: «Bir topar adamlar bardyr Kuran okarlar, (okanlary) ýaýjyk süňklerinden geçmez. Alla kasam edýärin, belki-de şolaryň köpüsi sizden bolupbiler – diýdi we olaryň ýanyndan çykyp gitdi.

Mundan soň Amr ibn Seleme şeýle diýdi: «Şol oturan märekäniň köpüsini Nehrewan güni haryjylaryň hatarynda bize garşy urşanlaryny gördük»[67].

Görlüşi ýaly mertebesi belent sahaba Abdulla ibn Mesgut (Alla ondan razy bolsun!) mesjitde halka gurap oturan şol adamlaryň Allanyň Resulynyň sahabalarynyň – ýagny selef diýilmäge iň laýyk kişileriň – tersine hereket edişlerini, olaryň dogry ýoldan azaşandyklaryna delil hökmünde öňe sürýär. Sebäbi sahabalar Allanyň Resulyny gördüler we onuň sözlerinden, hereketlerinden we ähli hal-ýagdaýlaryndan özleriniň tutjak tutumlaryna delil gözlediler.

Abdulla ibn Mesgudyň (Alla ondan razy bolsun!): «Size näme bolýar, Allanyň Resulynyň sahabalary entek araňyzda gezip ýörkä, tiz heläkçilige uçraýarsyňyz!....» diýip olaryň sahabalaryň ýoluna we düşünjelerine ters gidendikleri üçin heläkçilige uçrandyklaryny habar bermegi selefe eýermegiň zerurdygyny görkezýän ýene bir delildir.

[67] Darimi, *el-Müsned*, Bap; fiý kerahiýýeti ahzir-ra'ý (1/286-287). Rowaýatyň senedi hasandyr.

• Abdulla ibn Apbas (Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýýär: «Haruryýlar (haryjylar) orta çykanlarynda olar bir öýe jemlendiler. Sanlary alty müňdi (6.000). Men Ala ýüzlenip:
— Möminleriň emiri! Namaza biraz gijiräk duraly, men häzir gidip olar bilen gürleşeýin – diýdim. Ol: — Saňa bir zat ederler diýip gorkýaryn – diýdi. Men:
— Ýok beýle bolmaz – diýdim we geýnip ýola düşdim. Gündüziň günortany öýleriň birindekäler olaryň ýanyna girdim. Iýip-içip oturan ekenler. Olar:
— Ibn Apbas, geliň geçiň, näme sebäpden geldiňiz? – diýdiler. Men olara:
— Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) mühäjir we ensar sahabalarynyň, şeýle hem Allanyň Resulynyň doganoglanynyň we giýewsiniň ýanyndan gelip durşym. Kuran olar döwründe indi, size görä oňa olar has gowy düşünýärler. Siziň içiňizde olardan bolan hem ýok....» diýip düşündirdim[68].

Ibn Apbasyň bu rowaýaty şu aşakdaky jähtlerden selefe uýmagyň wajypdygyny görkezýär:

1 – Ibn Abpbas, sahabalaryň (Alla olardan razy bolsun!) pähim we düşünjelerine ters gidip başgalaryň ýoluna düşüşlerini haryjylaryň zalalata uçrandyklaryna delil getirdi.

2 – Ibn Apbasyň: «Kuran sahabalar döwründe indi, şol sebäpden olar oňa has gowy akyl ýetirýärler» diýen sözi bilen sahabalaryň (Alla olardan razy bolsun!) pähim-düşünjesini özgeleriň pähim-düşünjesinden öňde goýmagyň zerurdygyna aýlawly ýol ýilen kakdyrýar.

## Ikinjiden tabygynlaryň aýdan sözleri:

**Omar ibn Abdyleziz** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýdi: «Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) we ondan soňky ymamlar (ýolbaşçylar) birnäçe sünnetler ýola goýup gitdiler. Şolardan ýapyşmak Allanyň (tegala) kitabyna eýermeklik, Alla (jelle jelälüh) doly boýun syndyrmaklyk we Allanyň dinine kuwwat bermekdir. Şol sünnetler bilen dogryja amal eden dogry ýolda bolar. Olardan ýapyşan goldawly bolar. Olara ters hereket eden kişi bolsa möminleriň ýolundan başgasyna eýerdigi bolar. Alla-da ony tutan ýoluna elter»[69].

---

[68] Nisäýi, *es-Sünenül-Kübra*, bap: Zikrü munazarati Abdylla ibn Apbas el-Haruryýýa we-htijäjihi fiýmä enkeruwhü ala emiril-müminiýn Aly ibn Abu Talyp (7/479-480), Häkim, *el-Müstedrek* (2/150) ol şeýle diýýär: «Müslimiň şertine görä sahyh bolup Buhary we Müslim tahryç etmediler». Senedi hasandyr.
[69] Abdulla ibn Ahmet, *es-Sünne* (1/357), ol kakasy Ahmet ibn Hanbaldan rowaýat edýär. Senedi hafyz ymamlar bilen zynjyrlanandyr.

**Şatyby** (Alla oňa rahmet etsin!) bu rowaýata beren düşündirişinde şeýle diýýär: «Pygamberden (sallallahu aleýhi wesellem) soň ýolbaşçylaryň (ymamlaryň) goýan ýoly sünnet bolup munda hiçhili bidgat ýokdyr. Allanyň kitabynda we Pygamberiniň sünnetinde bu hakda ýörite nygtalmasa-da muňa umumy delil bardyr. Muny bolsa Yrbaz ibn Säriýäniň hadysynda görýäris. Şol hadysda Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) şeýle diýýär: «Meniň sünnetime we dogry we päk halyflaryň sünnetine eýeriň, ondan pugta ýapyşyň, onuň üstinde azy dişleriňizi gysyň. Täze tapylan zatlardan ägä boluň»[70].

Görşüň ýaly Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) päk halyflaryň sünnetini öz sünneti bilen deň derejede tutdy. Öz sünnetine uýmagyň olaryň sünnetine uýmakdygyny, täze tapylan zatlaryň hem munyň tersidigini beýan etdi. Sebäbi olar (Alla olardan razy bolsun!) özleriniň ýola goýan sünnetlerinde ýa-ha hut Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) sünnetine eýerýärler, ýa-da Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) sünnetinden bütewilikde ýa-da aýratynlykda düşünip bilen zatlaryna uýandyrlar. Sünnete beýle akyl ýetirmede olar özgelerden tapawutlanýarlar»[71].

**Beýik tabygyn we Ibn Apbasyň ýoldaşy Sagyt ibn Jübeýr** şeýle diýýär: «Bedire gatnaşan sahabalaryň bilmeýän zady dinden däldir»[72].

**Hasan Basry** Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalary barada şeýle aýdýar: «Olar bu ymmatyň iň päk ýüreklileri, çuňňur ylymlylary, az ***tekellüflileri*** (ybadatda az kösençli)di. Olar Allanyň öz pygamberi (sallallahu aleýhi wesellem) üçin saýlan adamlarydyr. Siz olaryň ahlagyna we tutan ýollaryna meňzejek boluň. Sebäbi olar – käbäniň repbine kasam bolsun – dogry ýoldadyrlar (syraty-mustakymdadyrlar)»[73].

**Üçünjiden: Ymamlaryň aýdanlary.**

**Ymam Abu Hanyfa** (Alla oňa rahmet etsin) şeýle diýýär: «Sen diňe hadys we selefiň ýoly bilen bolmalysyň. Täze çykan her zatdan hem gaçmalysyň, sebäbi ol bidgatdyr»[74].

Hijret ýurdynyň ymamy **Mälik ibn Enes** hakda **Şatyby** şeýle diýýär: «Mälik sahabalar, ýa-da olaryň ýoluna düşüp, sünnetlerine eýerenler bilen baglanşykda aňyrbaşy

---

[70] Bu hadysyň tahryjy öň geçdi.
[71] *El-Ygtysam* (1/145).
[72] Ibn Abdylber, *Jamygu beýänil-ylmy we fazlih* (1/771).
[73] Ibn Abdylber, *Jamygu beýänil-ylmy we fazlih* (2/946).
[74] *Zemmül-kelam we ehlih* (4/213).

derejä ýetende Alla (tegala) ony bu babatda özgelere görelde eýledi. Mäligiň döwürdeşleri, Allanyň we Resulynyň öwen kişileriniň yzyna eýerişiniň bereketiniň netijesinde onuň yzyna düşüp edenini ederdiler»[75].

Ymam **Ahmet ibn Hanbal** (Alla oňa rahmet etsin) şeýle diýýär: «Biziň garaýşymyzda sünnetiň düýp esasy Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalarynyň ýolundan berk ýapyşyp olary görelde tutunmakdan we bidgatlary taşlamakdan ybaratdyr»[76].

Ymam **Ewzagy** şeýle diýýär**:** «Ylym Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalaryndan gelip ýetenlere aýdylýar. Olardan gelmedik zatlar ylym däldir»[77].

Ymam **Ibn Batta** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär: «Men sözümiň başynda musulman doganlaryma Allanyň Kitabyndan, Onuň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) Sünnetinden, sahabalar we tabygynlar bolan ýagşy selefiň hem-de olardan soňky musulman alymlaryň ýolundan aýrylmazlygy nesihat etmek isleýärin. Sebäbi Alla olaryň (selefiň) synalaryny hidaýat bilen açdy, dillerini hikmet bilen gepletdi, olaryň üstinden hiç ýalňyşmazlyk çerdagyny ýapdy, olary Iblisiň hile we pitnesinden aýady, olary öz ýollaryna eýerenler üçin rahmet we bereket, yzlaryna düşenler üçin şadyýanlyk we ýaşaýyş**,** olara ters gidenler üçin hem hüjjet eýledi»[78].

Ymam **Ibn Abu Hatem** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär: «Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalary barasynda aýdanyňda, olar wahýa we Kurany-Kerimiň inişine şaýat boldylar, tefsiri[79] we tewili[80] bildiler. Alla (azze we jelle) olary öz pygamberine (sallallahu aleýhi wesellem) ýoldaşlar, kömekçiler, dinini dikeldijiler, haky ýüze çykaryjylar edip saýlady. Olaryň Öz resulyna sahabalar bolmagyna razy boldy, biz üçin görelde edip goýdy. Olar Pygamberden (sallallahu aleýhi wesellem) onuň özlerine Alladan ýetiren habarlaryny, goýan sünnetini, şerigatyny, eden hökümlerini, buýruklaryny, edeplerini we gadagan edenlerini belläp sakladylar, olara akyl ýetirip oňat öwrendiler. Şeýdibem dine bolan fykhlary kämil boldy. Olar Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) gözegçiliginde we Onuň Allanyň Kitabyny tefsir we tewil edişini gözleri bilen görmeleri netijesinde Allanyň buýrugyny we gadagan etmegini, Allanyň hökümlerindäki göz öňünde

[75] El-*Muwafakat* (4/463).
[76] Ymam Ahmet, *Usulus-sünnet* (*Akaidus-selef* kitabynyň içinde) (sah.19).
[77] Ibn Abdylber, *Jamygu beýänil-ylmy we fazlih* (1/769).
[78] *El-Ibäne an şerigatil-firkatin-näjiýe* (1/212-213).
[79] Tefsir - Kurany-Kerimi Allanyň maksadyna laýyklykda düşündiriş.
[80] Tewil – Kurany-Kerimi aýlawly ýol bilen düşündiriş.

tutan maksadyny bildiler. Şeýdibem Alla (azze we jelle) soňkylara görelde bolmak paýyny olara eçilmek bilen olaryň mertebelerini galdyrdy. Şol sebäpdenem olardan şek-şübhäni, ýalany, ýalňyşy aýyryp, olara ymmatyň dürsleri (adyl) diýdi. Beýik Alla Kitabynda şeýle diýdi:

﴿وَكَذَٰلِكَ جَعَلْنَاكُمْ أُمَّةً وَسَطًا لِتَكُونُوا شُهَدَاءَ عَلَى النَّاسِ﴾

[el-Bakara: 143]

«Şeýlelikde, Biz sizi başga adamlara güwä bolar ýaly, Biz sizi ortalyk kowum (ymmat) etdik».

Allanyň Resuly (sallallahu aleýhi wesellem) ﴿وَسَطًا﴾ (ortalyk) diýen sözüni ***adyl*** (dürs) diýip tefsir etdi[81]. Netijede olar ymmatyň adyllary (dürsleri), hidaýet ymamlary, diniň hüjjetleri we Kitap bilen Sünneti geljekki nesillere alyp göterijiler boldylar.

Alla (azze we jelle) olaryň dogry gönükdürmelerinden ýapyşmagy, alyp baran ugurlary boýunça ýöremegi, olara eýermegi ündäp şeýle diýdi:

﴿وَيَتَّبِعْ غَيْرَ سَبِيلِ الْمُؤْمِنِينَ نُوَلِّهِ مَا تَوَلَّى﴾

[en-Nisa: 115]

«möminleriň ýolundan başgasyna uýsa, ony tutan ýolunda goýarys»

....Olardan soň tabygynlar (sahabalara eýerijiler) geldi. Alla olary öz dinini dikeltek üçin saýlap, olara parzlary, şerigat çäklerini, buýruklary we gadagan etmeleri, hökümleri, resulynyň sünnetlerini we galdyran yzlaryny goramak paýyny berdi. Şeýlelikde olar Resulullanyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalaryndan, olaryň jahanyň çar künjegine ýaýan diniň hökümlerini, sünnetleri belläp aldyp, bu mirasy kämil öwrenip çuňňur fakyh boldylar. Olar Allanyň (azze we jelle):

﴿وَالَّذِينَ اتَّبَعُوهُمْ بِإِحْسَانٍ رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُمْ﴾

[et-Töwbe: 100]

«..hem-de (olara) ihsan bilen (ýagny, dogry-dürs) eýerenlerden Alla razy boldy...»

diýen sözüne laýyk boldylar.

[81] Seret: Buhary, Kitäbüt-Tefsir, (4487-nji hadys).

Olardan soň etbagut-tabygyn (tabygyna eýerijiler) geldi. Olar ýagşy halefdirler (soňky gelenler). Allanyň dininde, Resulullanyň sünnetilerini geljekki nesillere geçirmekde we ony mäkäm öwrenip berk bellemekde dünýäniň görnükli alymlarydyr. Olar halal we haramy saýgaran, Allanyň hökümlerini çuňňur öwrenen fakyhlardyr»[82].

Sünnetiň daýanjy **Abulkasym Teými** (Alla oňa rahmet eýlesin!) şeýle aýdýar: «Sünnileriň (ehlüs-sünnet) şygary ýagşy selefe eýermek we täze çykan herbir bidgaty taşlamakdyr»[83].

* * *

## Selef mezhebini nähili tanamaly?

Yslama degişli bolan birnäçe toparlar selefiň artykmaç tarapyna, olaryň mertebe we belent derejesine gowy göz ýetirýärler. Şol sebäpden olaryň köpüsi özlerini selefiň ýolunda diýip yglan edýärler. Emma olar selefiň ýol we ugrundan diýseň daşdadyrlar.

Bu jähtden, hiçbir kişi özüniň selefiň ýolundadygny öňe sürmez ýaly biziň selef mezhebini neneňsi tanamaly diýen meseläni doly bilmeligimiz zerurdyr.

Selef mezhebini (ýoly): esassyz gürrüňler bilen däl-de, eýsem olardan bize gelip ýeten eserler (düşünje miraslary) arkaly bilip bolýar.

Ymam **Därimi** (Alla oňa rahmet eýlesin!) *jehmiýýä* pyrkasyna beren gaýtargysynda şeýle diýýär: «Biziň düşünjämize görä akla sygýan zatlar olaryň (selefiň) ýoluna gabat gelýän zatlardyr. Näbelli zatlar bolsa olaryň tersine gidýän zatlardyr. Olaryň ýol we ugurlaryny bilmegiň ýekeje täri hem diňe şu eserlerdir (öňkilerden galan rowaýatlar, hadyslar). Siz bolsa bulardan daşlaşdyňyz we özüňiziň aýtmagyňyza görä bulardan saplandyňyz. Nädip siz ýola gelersiňiz onsoň?»[84].

**Abul-Apbas ibn Teýmiýe** (Alla oňa rahmet eýlesin!) şeýle diýýär: «Mälim bolşy ýaly, selef mezhebi (ýoly we ugry) eger olardan edilýän rowaýatlar arkaly bilinýän bolsa, onda bu babatda olardan edilýän rowaýatlara ýüzlenmelidir. Emma eger-de herbir kimse özüçe bir garaýşy dogry hasaplap: «bu selefiň aýdan sözüdir» diýmek bilen delil getirinjek

[82] *El-Jerh wet-Tagdyl* (1/7-8-9).
[83] *El-Hujje fiý beýänil-mahajja* (1/395).
[84] *Er-Raddu alal-jehmiýýe* (sah.127-128).

bolsa – bu hem dogrudyr, sebäbi selef diňe dogruny sözleýär – Ine bu, herbir bidgatçynyň özüni selef mezhebinde hasaplamaga itergi berýän faktorlar bolup durýar. Bu sözi sözleýji öz-özüni garalaýar. Sebäbi selefden hiçbir rowaýat getirmezden selefiň mezhebini eýerjek bolýar. Hasam beteri, diňe öz sözüniň hakdygyny aýtmak bilen...

Emma hadysçylar: selef mezhebi hakynda diňe öňden gelýän rowaýatlar (hadyslar) arkaly agzap geçýärler, olaryň mezhebini (ýol-ugryny) rowaýat edýän yslam alymlaryndan söz açýarlar. Kähalatlarda olaryň sözlerini hem bu baba salýarlar»[85].

Ymam **Zehebi** şeýle diýýär: «Allanyň bendesi! Ynsaply bolasyň gelýän bolsa, Kuran we Sünnetiň çäklerinde dur. Soň sahabalaryň we tabygynlaryň, şeýle hem görnükli tefsirçileriň bu aýatlar hakynda aýdanlaryna we olaryň selef mezheplerinden getiren rowaýatlaryna ser sal»[86].

## Sözümiziň ahyrynda şuny hem oňat bilmelidiris:

Herbir sahabanyň sözi bir Kurany-Kerime we Sünnete ýa-da başga bir sahabanyň sözüne ters gelmese ol hüjjet kabul edilýär we olaryň yjmaglary şert däldir.

Ymam **Abu Hanyfa** (Alla oňa rahmet eýlesin!) şeýle diýýär: «Maňa sahabanyň birinden bir pitwa gelse oňa tabyn bolaryn, onuň tersine höküm bermerin»[87].

Ymam **Şafygy** (Alla oňa rahmet eýlesin!) şeýle diýýär: «Diňe düýp çeşme (asyl) ýa-da düýp çeşmä deňeşdirme (kyýas) esasynda gepläp bilersiň. *Asyl* diýilýän Kitap we Sünnetdir, ýa-da Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalarynyň käbirleriniň sözi, ýa bolmasa köpçüligiň yjmagydyr»[88].

**Emma selefden galanlary babatda aýdylanda:**

Hüjjet olaryň içinden käbirleriniň garaýşynda däl-de eýsem, diňe sahabalaryň düşünjesine kybap gelýän köpçüliginiň garaýşynda gözlenmelidir. Sebäbi olaryň käbirlerinden ýalňyşlyk döräp biler.

Ymam **Därimi** (Alla oňa rahmet etsin!) şeýle diýýär: «Olardan biri

﴿وُجُوهٌ يَوْمَئِذٍ نَاضِرَةٌ إِلَى رَبِّهَا نَاظِرَةٌ﴾

[el-Kyýamat: 22-23]

«Ol gün bir entek ýüzler ýagtylyp, Perwerdigärlerine bakyp durar»

---

[85] *Mejmugul-fetäwä* (4/151-152).
[86] *El-Uluwwu lil-Alyýýyl-azym* (1/246-247).
[87] *Şerhu edebil-kazy* (1/185-187).
[88] *El-Ümm* (8/30).

aýatyna Müjähidiň: «Ýagny, Perwerdigäriniň sylagyna garaşyp durar» diýen düşündirşini hüjjet tutundy. **Biz hem oňa şeýle jogap bereris:** Howa Perwerdigäriniň sylagyna garaşyp durar, Onuň (tebäreke we tegala) didaryna bakmakdan uly sylag ýokdyr. Siz beýleki hadyslary bir gyra itip, Müjähidiň diňe bu sözünden ýapyşyp durjak bolsaňyz, bu siziň hakdan azaşyp batyla uýýandygyňyzyň alamatydyr. Sebäbi siziň bu düşünjäňiz öz garaýşyňyza laýyklykda hakykatdanam Müjähidiň aýdandygy sahyh bolýan bolsa, Allanyň Resulyndan (sallallahu aleýhi wesellem), onuň sahabalaryndan we tabygynlaryň birnäçesinden gelip ýeten sahyh rowaýatlaryň ýanynda ol garaýyş ýalana çykýar.

Siz bu rowaýatlary kabul etmejegiňizi we olary hüjjet tutunmajagyňyzy aýtmanmydyňyz. Onda näme üçin Müjähitden gelen rowaýaty hüjjet edinýärsiňiz. Sebäbi öz batyl ýoluňyzyň bähbidine ol rowaýatdan delil tapdyňyz, şeýle mi! Mezhebiňize ters geleni üçin hem Allanyň Resulyndan (sallallahu aleýhi wesellem), onuň sahabalaryndan hem-de tabygynlardan gelen rowaýatlary hem taşladyňyz. Eger siz Müjähitden gelen rowaýatyny ykrar edýän bolsaňyz, onda bu, Allanyň Resulyndan (sallallahu aleýhi wesellem), onuň sahabalaryndan we olardan soňky tabygynlardan gelip gowşan rowaýatlary (hadyslary) kabul edýänligiňize öz-özüňiz höküm berdiňiz diýmeklikdir. Sebäbi siz muny Müjähitden diňlemän, eýsem ony isnad bilen ondan rowaýat edýärsiňiz. Şol sanda onuň ýaly ýa-da has gowyrak isnadlar bilen Allanyň Resulyndan (sallallahu aleýhi wesellem), sahabalaryndan we tabygynlardan öz düşünjäňiziň tersine rowaýat alýarsyňyz.

Diňe Müjähitden gelip gowşan iki uçly rowaýata uýmaga özüňizi mejbur etdýärsiňiz-de, nädip Allanyň Resulyndan (sallallahu aleýhi wesellem), onuň sahabalaryndan we Müjähit ýaly tabygynlardan gelen sahyh hadyslary terk edip bilýärsiňiz. Siziň edýäniňiz diňe şübhelenmekden we hakdan azaşmakdan başga zat däldir.

Hakdan azaşmagy isleýän kimse alymlaryň ***şaz***[89] garaýyşlaryna eýerip ýalňyşlaryndan ýapyşar. Emma köňlünde haky hemme zatdan ileri tutýan kimse bolsa köpçülik alymlaryň meşhur sözlerine eýerer. Bular kişiniň şerigata eýerýändigini ýa-da bidgat çykarýandygyny görkezýän anyk alamatlardyr»[90].

Ymam **Ibn Abdylber** (Alla oňa rahmet eýlesin!) şeýle diýýär: «Müjähidiň bu sözi Pygamberiň (sallallahu aleýhi wesellem) sahyh sünnetiniň, şeýle hem sahabalaryň we

---

[89] Şaz – köpçüligiň aýdanyna ters gelýän garaýyşlar.
[90] *Er-Raddü alal-jehmiýýe* (sah.128-129).

selefiň köpçüliginiň aýdan sözleriniň ýanynda kabul däldir. Ol sünnilerçe terk edilen söz bolup durýar. Sünniler jemagatynyň öňe sürýäni diňe Pygamberleriniň (sallallahu aleýhi wesellem) sahyh sünnetidir. Allanyň Resulyndan başga herkimiň sözünden kabul edileni hem bolar, edilmäni hem bolar»[91].

Ymam **Ibn Kaýýym** şeýle diýýär: «Allanyň Resulynyň (sallallahu aleýhi wesellem) sahabalarynyň Alla hakyndaky düşünje-garaýyşlary, soňkylaryň olara ters gelýän pikirlerinden has ýegdir»[92].

**Bizi dogry ýola gowşur, Seniň nygmat eçilenleriň ýoluna. Gazaba duçar bolan we hak ýolundan dänenleriň ýoluna däl.**

[91] *Et-Temhid limä fil-Muwatta minel-meaniý wel-esäniýd* (7/158).
[92] *Zädül-mead* (5/577).